# Ýürek ýarasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ýürek ýarasy ÝÜREK ÝARASY



Ýüregime düşdi ýara,
Haçan biter?! Bilmedim.
Günlerim boldy gara,
Agysy köp, gülmedim.

Misli buzluk göçen ýaly,
Onki süňňüm doňup galdy.
Düýşde görsem tisginerdim,
Gül ýaşlygym solup galdy.

Ynam atly daragtymyň,
Köki gurap galan eken.
Durmuş ýowuz daranynda,
Ýaşanyňam ýalan eken.

Dünýä sygman agladym men,
Arzuwlarym puç bolanda.
Ökünçlerim gynadylar,
Dolanmaga giç bolanda.

Bagt menden daşlaşanda,
Guýa gaçan daşa döndüm.
Kalby nurly ynsanlaryň,
Goldawynda göge galdym.

Oguljennet NAZAROWA. Goşgular